# Mu yklymy rowaýatmy, hakykat?

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Sözler,Ylym we tehnologiýa
написано kitapcy | 23 января, 2025

Mu yklymy rowaýatmy, hakykat? TARYHYÑ ÇÖZÜLMÄN GALAN GIZLIN SYRLARY

*Dünýä taryhynda bolup geçen käbir zatlar ylym we tehnologiýa hernäçe össe-de, olaryñ syryny hiç haçan çözüp bilmejege meñzeýär. Geliñ, olaryñ birnäçesine seredip geçeliñ!*

▶ **MU YKLYMY ROWAÝATMY, HAKYKAT?**

Errtekipisint rowaýatlara salgylansañ-a, mundan 14 müñ ýyl owal öñ Mu yklymynda ummana batyp ýok bolup gidendigi aýdylýan legendar siwilizasiýa bolup geçipdir. Aýdyşlaryna görä, Mu yklymyndan diri galanlar Atlantida siwilizasiýasyny döredipdirler.
Rowaýatlarda Mu yklymynyñ Aziýa bilen Amerikanyñ arasynda bolandygy aýdylýar. Mu Awstraliýadan ep-esli esse uly eken. Ymgyr uly siwilizasiýa bolan Mu siwilizasiýasy b.e.öñki 12.000-nji ýyllarda bolan tebigy heläkçilik netijesinde ýok boldy.
Meksikadan tapylan Teotiuakan Palenke ybadathana piramidasynyñ diwarynda Munyñ batyşy hakynda täsin ýazgy galypdyr: «6-njy Kaan ýylynyñ Zak aýynyñ 2-nji maluk gününde başlan gorkunç ýer goduklamasy 13-nji şuen gününe çenli dowam etdi. Mu yklymy heläk boldy. Mu ýurdy iki gezek bükülip ýazyldy-da, bir gijede çökdi, üstüni suw gaplap aldy. Toprak zol-zol howanyñ ýüzüne galdy durdy. Heläkçilik 64 million adamyñ ölümine sebäp boldy».
Ylym Mu siwilizasiýasynyñ toslama rowaýatdygyna ynanýar. Çünki, alymlar yklymlary emele getiren gaýalaryñ (kremniý-alýumin) fiziki kadalara laýyklykda ummanyñ düýbüni emele getirýän gaýalaryñ (kremniý-magneziý) üstünde süýşmeginiñ gerekdigini öñe sürýärler. Häzire çenli bolsa Mu yklymyny emele getiren haýsydyr bir gaýa galyndysyna gabat gelinmedi.

Ýöne Hytaýda geçirilen karbon barlaglarynyñ netijesinde tapylan 14 müñ ýyllyk ýazgylarda «Yklymymyz batdy, bizem bäri gaçdyk» diýen sözler bar.
Galyberse-de, Gurhanyñ birnäçe aýatynda käbir siwilizasiýalaryñ azandyklary sebäpli ýok edilendigine yşarat edýän ýerleri bar. Eýsem, Mu yklymy ýok edilen şol kowumlaryñ biri bolup bilermi? Belkäm, gelejekde muny tassyklap biljek ynamly maglumatlar tapylar? Häzirlikçe muña jogap tapylanok…

(dowamy bar)…

@ Kitapçylar. Geň-taňsy wakalar